# Haýran galdyryjy ýagdaýda yz galdyrman gaýyp bolan adamlar

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Haýran galdyryjy ýagdaýda yz galdyrman gaýyp bolan adamlar
HAÝRAN GALDYRYJY ÝAGDAÝDA YZ GALDYRMAN GAÝYP BOLAN ADAMLAR

Adamlaryň gözüniň alnynda haýran galdyryjy ýagdaýda gaýyp bolan adamlar hakynda aýdylýanlara köplenç ynanmazçylyk bilen seredýärler. Edil "Bermud üçburçlygy" hakynda aýdylýanlar ýaly. Ýöne "Şeýtan üçburçlygy" diýlibem tanalýan "Bermud üçburçlygynda" ýitirim bolan amerikan istrebitelleriniň we gämileriniň yzyna häli-häzurem duş gelinmedi hem-de muňa degişli anyk bir zat aýdylyp bilinmedi.
Samolýotlaryň, gämileriň ýitirim boluşyny käbir alymlar "ol ýerde wagt döwülmesiniň ýa-da wagt jaýrygynyň döreýändigi we şonuň ýaly pursatda şol ýere golaýlaşanlaryň başga tüýse geçýändigi" bilen düşündirýärler. Bu gipoteza hem doly tassygyny tapanok. Ýöne soňky ýyllarda şwed we rus alymlarynyň bilelikde geçiren barlaglarynyň dowamynda "kuantum geçirişi" boýunça gyzykly netijeler gazanyldy.
 “Kuantum geçirişi” bilen biologiki obýekt hakyndaky informasiýanyň islendik aralyga şobada ýetirmegiň mümkindigininiň üstüni açdylar. Synaglar geçirilende syçanlar ulanyldy. Gazanylan netijeler hakynda jikme-jik maglumatlar berilmedi.
"Fringe" ("Грань") atly amerikan ylmy-fantastiki teleserialynda Federal derňew býurosynyň (FBI) işgärleriniň Bostonda aýan edilmeýän geň-taňsy wakalar boýunça alyp barýan işlerinden we ylymda jogap tapmasy kyn fantastiki hadysalardan söhbet açylýar.
Teleserialda her kesiň we hemmeleriň taýynyň bardygy ýaňzydylmak bilen, ýaşaýan dünýämize parallel başga bir dünýä garşy göreş alnyp barylýar we bir dünýäden beýleki dünýä geçip bilýänler bar.

Taryhda sebäplerini düşündirip bolmadyk we häli-häzirem syrlaryny gorap saklaýan gaýyp boluş wakalary bar. Ol wakalaryň üstünden uzak-uzak ýyllar geçse-de, häzirem syryny çözmek mümkin däl.
Ynha, dünýäniň iň syrly gaýyp boluş wakalaryndan käbirleri:

■ Amerikanyň “History of Scientist” žurnalynda 1969-njy ýylyň 30-njy iýulynda
Ontarionyň Pikton posýologynda bolup geçen wakanyň üstünde durlup geçildi. Şol gün 13 ýaşly bir çaga gündiziň günortany deň-duşlary bilen top oýnap ýörkä deň-duş çagalarynyň we goňşy-golamlaryň göz alnynda ýitirim boldy. Çaga iki gün geçensoň açyk meýdanda ýene peýda boldy. Geçirilen ähli barlaglara garamazdan, iki günüň dowamynda çaga özüne näme bolandygyny ýadyna salyp bilmedi.

■ ABŞ-nyň Nýu-Hempşir ştatynda Waýtfild posýologynda ýaşaýan är-aýal Betti we Barni Hil 1961-nji ýylyň sentýabrynda gezelençden dolanyp gelýärkäler, ýolda birdenkä ýitirim boldular. Är-aýal awtoulagly bir posýologyň deňesinden geçip barýarkalar, bir yşygyň ýalpyldap gidendigini aýdýarlar. Emma ýitirim bolan ýerlerinden 20 kilometr uzaklykda iki gün geçensoň gaýtadan peýda bolanlarynda, geçen iki gije-gündiz özlerine näme bolandygyny we özleriniň näme edendigini ýada salyp bilmediler. Özem olaryň yzyndan barýan iki awtolulagyň sürüjisi Hilleriň awtoulagy bilen birdenkä ýom-ýok bolandygyna güwä geçdiler. Är-aýal Hilliň we olaryň gaýyp bolandygyny aýdýanlaryň kellesini barlap gören lukmanlar, psihologlar we hatda olar bilen gepleşip gören astrofizikler olaryň hemmesiniň akyly-huşy ýerinde, oniki süňňi ýerindedigine kepil geçdiler. Şeýle-de bolsa wakanyň syry henizem tapmaçalygyna galýar.

■ Keniýanyň Rudolf kölüniň ortasynda ýerleşýän Enwitened adasyna ýerli halk "Barsagelmez adasy" diýip at beripdir. Ýerli halk gargyşsiňen ada hasap edip, bu adada ýaşamaýar. Iňlis alymy Wiwian Fuş 1935-nji ýylda adany barlap görmek üçin Keniýa gidipdir. Onuň toparyndan Bill Daýson we Martin Şeflis

ada gidipdir. On bäş gije-gündiz geçensoňam dolanmadyk iki barlagçyny tapmak üçin ada giden halas ediji topar olardan hiç hili nam-nyşan tapman, yzyna dolanýar. Ýerli halk Fuşa adada ýaşaýan adamlaryňam şu görnüşde gaýyp bolýandygyny, ada gidenleriň bolsa düýpli terk edilen "göze görünmeýän oba" sataşandyklaryny aýtdylar. Adanyň syry bolsa häzirem çözülenok.

■ Moskwaly Oksana Wolkowanyň wakasy-da birnäçe günläp rus habar beriş serişdelerini başagaý etdi. Adaty gyş günleriniň birinde, gijara sagat 18:00-da supermarkete gitmek üçin öýünden çykan Oksana köçede on sany adamyň gözüniň alnynda duýdansyz gaýyp boldy. Oksana üç gün geçensoň özüni öýünden 100 kilometr daşlykda tapdy. Ýöne ol bu ýere nädip gidenini, üç günüň içinde näme edendigini teý bilibilenok. Onuň beýnisi barlandy, dürli testlerden geçirildi, gipnoz arkaly gepledildi, barybir oňa nämeleriň bolandygyny anyklap bolmady.

■ Ysmaz zerarly ýarawsyzlyga uçran Owen Parfitt 1763-nji ýylda Angliýada uýasy bilen agşamara öýüniň howlusynda otyrka, birdenkä howa gamaşyp başlaýar. Oweniň uýasy doganyny öýe göterip salmak üçin goňşulardan kömek soramaga ylgaýar. Ol dolanyp gelende ýarawsyz agasy oturan ýerinde ýok eken. Onuň ýerinde diňe penjegi dur eken. Bu syrly gaýyp boluş hadysasynyň syry kän gezek çözülmäge synanşylsa-da, hiç hili uç tapmandyrlar.

■ Kinomatografiýanyň atasy hasaplanýan Luis le Prinsiň hem geň-taňsy gaýyp boluş kyssasy bar. 1890-njy ýylyň 16-njy sentýabrynda Pariž otlusyna münen we soňky gezek goşlaryna seredip durka görülen le Prinsi küpesine girenden soň gören-eşden bolmandyr. Otly Paryže gelende ol ýok eken. Küpäniň aýnasyny berk ýapylandygy üçin açyp bolmandyr. Şonuň üçinem oňa otludan bökendir diýip çak edip boljak däldi. Luis le Prinsiň başyna näme gelendigi, nirä gaýyp bolandygy häzirem näbelliligine galýar.

■ 1975-nji ýylda Jekson Wraýt aýaly bilen bile Nýu-Jersiden Nýu-Ýorka tarap awtoulagynda barýarka onuň ýoly Linkoln tunnelinden geçipdir. Tunnelde awtoulagyň yzky aýnasynyň hapalanandygyny görüp, Wraýtyň aýaly aýnany süpürmek üçin ulagdan düşýär. Wraýt yzyna öwrülip seredende aýalyna gözi düşmeýär. Ol awtoulagyndan düşüp seretse-de, aýalyny tapmaýar. Wraýt hiç hili ses-seda hem duýmandyr, geçirilen gözleglerem netije bermändir. Bu wakadan soň Linkoln tunneline "Wagt tunneli" diýip at berildi.

■ 1655-nji ýylda Hindistanyň Goa şäherinde bir adam işe barýarka, özüni birdenkä Portugaliýadaky dogduk mekanyndan tapdy. Bu duýsansyz "öýe gaýdyp gelişe" diýseň köp adam şaýat boldy, ahyrynda waka inkwizisiýanyňam gulagyna ýetdi. Adamy jadygöý hasaplap suda çekdiler we diriligine oda ýakdylar.

Taryhda ýekeleýin gaýyp bolmalara kän gabat gelindi. Ýöne adamlaryň köpçülikleýin gaýyp bolmalaryna gabat gelinmedik bolsa gerek.

■ Jo Labelle atly bir awçy Kanadanyň demirgazygyndaky eskimos obasynyň ýaşaýjylary bilen dostlukly gatnaşykdady.
1930-njy ýylyň noýabr aýynda Labelle eskimos obasyna baranda ynanyp bolmajak bir waka duş geldi. Çadyrlaryň ählisi borram-boş ýagdaýdady. Ol biraz öňe ýöränden düýbi ýanyp giden birnäçe gap-çanak we olaryň içine gara-köýük bolup ýatan etleri tapýar.
Labelle derhal degişli ýerlere habar edýär. Gelen barlagçylar näçe jan etseler-de, eskimoslaryň obadan nähili gidendigine degişli hiç hili yz tapmandyrlar.
Barlaglaryň gazuw-agtaryş kysmy depe saçyňy düýrükdiriji faktlary orta çykardy. Obalylaryň itleriniň açlykdan gyrylandygyny we gömülendigini anykladylar. Başga bir iniňi tisgindiriji fakt bolsa has soňrak belli boldy. Eskimoslar ata-babalarynyň ýatan gonamçylygynam boşadyp gidipdirler…

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar